# 8. ATLAR

## b) ATLARYŇ SAN BÍLEN ÜÝTGEÝSI

**186-nji gönükme.** *Suratlaryň adyny okaň we olara degişli soraglara jogap beriň.*



1. Jüýje.

*Näçe jüyje bar?*



1. Jüýjeler,

*Näçe jüyje bar?*




2. Kitap.

*Näçe kitap bar?*



2. Kitaplar.

*Näçe kitap bar?*



3. Towuk.

*Näçe towuk bar?*



3. Towuklar.

*Näçe towuk bar?*

Turkmenkulti.com

1. *Suratlaryň haýsysy bir zady, haýsysy köp zady aňladýar?*

2. *Köp zady aňladýan atlaryň asyl sözüni we goşulmasyny aýdyp beriň.*

* * *

**187-nji gönükme.** *Äşäkdaky atlary okaň we olary nusgadaky ýaly edip, depderiňize göçüriň.*

Degirmen, depderler, keçe, köşek, ene, eneler, köşekler, yorgan, çaga, oglanlar, tilkiler, çekiçler, mugallymlar, nar, mugallym, depe, baglar.

***Nusga:***

| Bir zady aňladýan atlar | Köp zady aňladýan atlar |
|---|---|
| *Degirmen*<br><br>*keçe* | *Depderler*<br><br>*keçeler* |

*Köp zady aňladýan atlaryň asyl sözüni we goşulmasyny aýdyp beriň*

Atlar birlik sany we köplük sany aňladýarlar. -lar, -ler, goşulmasyny kabul etmedik atlar birlik sany aňladýarlar. Meselem: *çaga, ene, kitap.* -lar, -ler, goşulmasyny kabul eden atlar köplük sany aňladýarlar. Meselem: *çagalar, eneler, kitaplar.*

**188-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we göçüriň. Has gara ýazylan atlaryň haýsysynyň birlik, haýsysynyň köplük sany aňladýandygyny aýdyň.*

*1.* **Oglan** ýerinden turdy. **Oglanlar** mekdebe barýar. Gyz surat çekýär. **Gyzlar** oýnaýar.

**2. işçi** işden geldi, **işçiler** işden gelýärler.

**3.** Bu **kepderiler** uçdumy?

*Köplük sany aňladýan atlaryň goşulmasyny aýdyň.*

*işçiler*

**189-nji gönükme.***Hekaýajygy okaň. Köplük sanda ulanylan atlary aýdyň we olary depderiňize göçüriň.*

**ÝAGYŞ**

Öten agşam gök gürläp, ýyldyrym çakdy. Güýçli gelen çabga köçeleri suw-sil etdi. Häzir eýýäm köçeler çalygypdyr. Diňe agaçlaryň göm-gök ýapraklarynda ýagyş düwmejikleri gün nuruna bulduraşýar.

Bu wagt adamlar işe howlugyp barýar. Oglanlar mekdebe barýar. Cagalaryň ellerinde gül desseleri bardy. Ol güller edil çagalaryň özleri ýaly ýaşajykdy.

*(A. Gurbanow, «Çigildem güli»).*

***Nusga:** köçeler, agaçlaryň, ...*

Ýagyş *diýen hekaýajyga degişli meýilnama düzüň.*

**190-nji gönükme.** *Aşakdaky atlary okaň. Birlik sany aňladýan atlary biraýry, köplük sany aňladýanlary biraýry göçüriň.*

Dutar, halta, çebişler, daýhan, daýhanlar, yaprak, oturgyç, itler, öküz, goýun, geçiler, ördek, gapy, jüýjeler, ördekler, ýapraklar, ussalar, şäher, obalar, käkilikler, işçiler.

**Käkilik** *diýen sözüň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.*

**191-nji gönükme.** Birlik sandaky atlary köplük sana öwrüp, depderiňize ýazyň. **-lar** goşulmasynyň ýogyn çekimlili sözlere, **-ler** goşulmasynyň inçe çekimlili sözlere goşulýandygy ýadyňyzda bolsun.

Guş, pişik, parta, depder, çemçe, okuwçy, tikinçi, kelem, käşir, tilki, şagal, gumry, düýe, köşek, gurjak, owlak, demir, dag, deňiz, ýaprak, bag, torgaý, serçe.

***Nusga:** guşlar, pişikler, ...*

**192-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we göçüriň. Birlik sandaky atlaryň aşagyna bir çyzyk, köplük sandakylara iki çyzyk çyzyň.*

1. Baglaryň ýapraklary saralypdyr. Üzümiň ýapragy dökülipdir.

2. Okuwçy galam aldy. Okuwçylar galamlaryny partada goýdular.

3. Oglanlar we gyzlar geldiler. Çagalar kitap aldy.

Turkmenkultr.com

4. Pagtaçylary oňat garşyladyk.

**193-nji gönükme.** *Okaň. Has gara ýazylan atlaryň haýs y sandadygyny aýdyň.*

## AŞGABAT

Aşgabat **şäheri** ýurdumyzyň owadan **şäherleriniň** biridir. Aşgabatda owadan we gin **köçeler,** beýik **jaýlar,** göm-gök **baglar** bilen bürelen **seýilgähler,** onlarça **çagalar** bagy, **mekdepler,** ýokary okuw **jaýlary bar. Çagalar, ulular** üçin ýörite **kitaphanalar** işleýär.

Aşgabadyň iň oňat hem owadan, bagly köçeleriniň biri Magtymguly **şaýoludyr. Bu şaýolunyň** ugrunda onuň ýadygärligi bar. Ony çagalar baryp görýärler.

Aşgabatda maşyn, trolleýbus gatnawy köpdür. Islän ýerine maşynly barmak bolýar.

*Ýokarky ýazgynyň mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň*

## *ýädygärlik*

**194-nji gönükme.** *Birlik sandaky atlara köplük sanyň goşulmasyny goşup, depderiňize göçüriň.*

| | | | |
|---|---|---|---|
| Çopan | gawun | garpyz | kaşir. |
| Injir | serçe | kelem | göle. |
| Keýik | jorap | el | kirpi. |
| Kepderi | towuk | awçy | tam. |

**195-nji gönükme.** ***Köplük*** *sandaky atlary birlik sana öwrüp, depderiňize ýazyň.*

Garlawaçlar, almalar, çekiçler, dutarlar, owlaklar, bedreler, balyklar, deňizler, ýumurtgalar, ördekler, halylar, stollar, käseler, atlar, daýhanlar.

**196-nji gönükme..** Özüiňizden birlik we köplük sandaky atlaryň her birine üç söz tapyp, sözlem içinde getiriň hem-de depderiňize ýazyň.

Turkmenkultr.com